Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň başlygynyň 2020-nji ýylyň 27-nji maýynda çykaran 62 belgili buýrugy bilen tassyklanyldy

# Ulag serişdeleriniň giriş we çykyş deklarasiýalaryny doldurmagyň tertibi

## I bap. Umumy düzgünler

1. Ulag serişdeleriniň giriş we çykyş deklarasiýalaryny doldurmagyň tertibi (mundan beýläk-Tertip) Türkmenistanyň Gümrük kodeksiniň 221-nji maddasyna laýyklykda işlenip taýýarlanyldy we Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilýän ulag serişdeleriniň bellenilen görnüşdäki giriş we çykyş deklarasiýalaryny (mundan beýläk - Deklarasiýa, şu Tertibe goşundy) doldurmagyň tertibini kesgitleýär.

2. Deklarasiýa daşaýjy (daşaýjynyň ygtyýarly işgäri) ýa-da gümrük dellaly tarapyndan türkmen dilinde, çap ediji enjamlary ulanmak bilen ýa-da Türkmenistanyň gümrük kanunçylygy bilen bellenilen halatlarda elde basma harplar bilen düşnükli doldurylýar, onda bozulan, çyrşalan we düzediş girizilen ýazgylar bolmaly däldir.

Daşary ýurtly şahslaryň atlarynyň we salgylarynyň latyn elipbiýiniň harplary bilen görkezilmegine ýol berilýär. Düzüminde latyn harplary bolan ulag serişdeleriniň belgileri, kysymlary, modelleri we beýleki maglumatlary latyn elipbiýiniň harplaryny ulanmak bilen görkezilýär.

Deklarasiýanyň degişli öýjükleri doldurylanda «✓» belligi ulanylmaly, bu ýerde belgilenen ýazgy tassyklaýjy jogaby, bellik edilmedik meýdan inkär ediji jogaby aňladýar.

Deklarasiýa doldurylanda onuň elektron nusgasy döredilýär. Deklarasiýanyň elektron nusgasyndaky maglumatlar Deklarasiýadaky maglumatlara laýyk gelmelidir we ol gümrük edarasyna Deklarasiýa berilmeginden öň ýa-da onuň berilmegi bilen bir wagtda Utgaşdyrylan gümrük maglumat ulgamynyň üsti bilen berilmelidir.

3. Eger Deklarasiýanyň öýjüklerinde maglumatlary mälim etmek ýa-da gümrük edarasynyň wezipeli adamy tarapyndan gulluk belliklerini goýmak üçin ýer ýeterlik bolmasa, onda zerur bolan maglumatlar Deklarasiýanyň arka tarapynda görkezilýär. Zerur maglumatlaryň A4 görnüşdäki goşmaça sahypalarda (mundan beýläk - Deklarasiýa goşmaça) görkezilmegine hem ýol berilýär, olar Deklarasiýanyň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Şonda Deklarasiýanyň degişli öýjüginde ýa-da öýjüginiň degişli setirinde «arka tarapyna (goşmaça) seret» diýen ýazgy edilýär.

Deklarasiýa goşmaça iki nusgada taýýarlanylýar. Deklarasiýa goşmaçanyň ähli sahypalary her sahypanyň ýokarky sag burçunda Deklarasiýanyň bellige alyş belgisini görkezmek bilen belgilenmelidir.

Deklarasiýanyň arka tarapynda we (ýa-da) Deklarasiýa goşmaçada Deklarasiýany dolduran şahs tarapyndan görkezilen maglumatlar, bu şahsyň goly, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda Deklarasiýany dolduran şahsyň möhüri bolmaly bolsa, şol möhüri (ulag serişdeleriniň geçirilmegi demir ýol ulagy arkaly

amala aşyrylanda we şonda Deklarasiýa demir ýol menziliniň jogapkär işgäri tarapyndan doldurylanda, ol menziliň senenama ýazgyly möhürçesini) goýmak bilen, şeýle hem gümrük edarasynyň wezipeli adamynyň goly we belgili şahsy möhüri bilen tassyklanylmalydyr.

Eger Deklarasiýanyň arka tarapynda we (ýa-da) Deklarasiýa goşmaçada maglumatlar gümrük edarasynyň wezipeli adamy tarapyndan görkezilen bolsa, onda ol maglumatlar onuň goly we belgili şahsy möhüri bilen tassyklanylmalydyr.

Deklarasiýanyň elektron nusgasyna Deklarasiýanyň arka tarapynda we (ýa-da) Deklarasiýa goşmaçada bar bolan hemme maglumatlar girizilmelidir.

4. Deklarasiýa özi ýöreýän we özi ýöremeýän ulag serişdelerine, şol sanda konteýnerlere aýratynlykda doldurylýar.

5. Deklarasiýa ulag serişdeleriniň düzümi üçin berlip bilner, şonda Deklarasiýada ulag serişdeleriniň düzümindäki her bir ulag serişdesi barada maglumatlar görkezilmelidir.

6. Kabul edilen Deklarasiýada mälim edilen maglumatlara üýtgetmeleriň we goşmaçalaryň girizilmegine şu şertlerde ýol berilýär, eger:

1) daşaýjynyň (daşaýjynyň ygtyýarly işgäriniň) ýa-da gümrük dellalynyň ýüz tutmasyny alan pursatyna çenli gümrük edarasy Deklarasiýada görkezilen maglumatlaryň nädogrulygyny anyklamadyk bolsa, ulag serişdesini wagtlaýyn getirmegiň (alyp gitmegiň) gümrük düzgünine ýerleşdirmek hakyndaky ýa-da wagtlaýyn getirmek (alyp gitmek) gümrük düzgüniniň tamamlanmagy hakyndaky çözgüdiň kabul edilmegine täsir etmeýän nätakyklygyň ýüze çykarylan halaty muňa degişli däldir;

2) daşaýjynyň (daşaýjynyň ygtyýarly işgäriniň) ýa-da gümrük dellalynyň ýüz tutmasyny alan pursatyna çenli gümrük edarasy ulag serişdesiniň barlagyna başlamadyk bolsa;

3) girizilýän üýtgetmeler, goşmaçalar gümrük paçlarynyň, salgytlaryň pul möçberleriniň kesgitlenilmegine we Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen gadaganlyklaryň we çäklendirmeleriň ulanylmagyna täsir edýän maglumatlaryň üýtgedilmegine getirmeýän bolsa.

Deklarasiýa üýtgetmeler we (ýa-da) goşmaçalar elden basma harplar bilen, ýalňyş maglumatlaryň üstüni çyzmak we täze maglumatlary girizmek arkaly amala aşyrylýar. Her bir üýtgetme we (ýa-da) goşmaça ygtyýarly şahsyň goly bilen, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda bu şahsyň möhüri bolmaly bolsa, şol möhüri (ulag serişdeleriniň geçirilmegi demir ýol ulagy arkaly amala aşyrylanda we şonda Deklarasiýa üýtgetmeler we (ýa-da) goşmaçalar demir ýol menziliniň jogapkär işgäri tarapyndan girizilende, ol menziliň senenama ýazgyly möhürçesini) goýmak arkaly tassyklanylýar.

Deklarasiýa üçden köp üýtgetmeler we (ýa-da) goşmaçalar girizilen bolsa, onda gümrük edarasy täze Deklarasiýanyň doldurylmagyny talap etmäge haklydyr.

Deklarasiýada girizilen hemme üýtgetmeler we (ýa-da) goşmaçalar Deklarasiýanyň elektron nusgasyna hem girizilmäge degişlidir.

7. Deklarasiýada maglumatlary mälim etmek we gümrük maksatlary üçin

peýdalanylýan we Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda ulanylmaga degişli klassifikatorlar we kadalaşdyryjy-habar beriş maglumatlarynyň sanawlary ulanylýar.

8. Deklarasiýa gümrük edarasyna iki nusgada berilýär we olar şu görnüşde paýlanýar:

1) Deklarasiýanyň birinji nusgasy ulag serişdesiniň deklarirlenilýän gümrük edarasynda galýar;

2) Deklarasiýanyň ikinji nusgasy daşaýjа gaýtarylyp berilýär.

Ulag serişdesi wagtlaýyn getirmek (alyp gitmek) gümrük düzgünine ýerleşdirilen mahalynda resmileşdirilen Deklarasiýanyň ikinji nusgasy, şol gümrük düzgüniniň hereketiniň tamamlanmagyny resmileşdirýän gümrük edarasyna daşaýjy tarapyndan berilmelidir.

9. Iş zolagynda ulag serişdesiniň hakykatda ýerleşýän gümrük edaralarynyň wezipeli adamlary daşaýjynyň (daşaýjynyň ygtyýarly işgäriniň) ýa-da onuň tabşyrygy boýunça gümrük dellalynyň ýazmaça ýüz tutmasy boýunça ulag serişdesi babatda Deklarasiýanyň öwezlik nusgasyny aşakdaky ýagdaýlarda resmileşdirýärler:

1) ulag serişdeleriniň düzümi bölünende (dargadylanda), eger ulag serişdeleriniň düzümine bir Deklarasiýa resmileşdirilen bolsa;

2) Deklarasiýa ýitirilen bolsa (şol sanda onuň başga sebäplere göra daşaýjyda bolmasa).

Ulag serişdeleriniň düzümi bölünende Deklarasiýanyň öwezlik nusgasynyň «C» öýjüginde «Öwezlik nusgasy», daşaýjyda bolan Deklarasiýanyň asyl nusgasynyň (Deklarasiýanyň asyl nusgasy ýitirilen halatynda öwezlik nusgasynyň) «C» öýjüginde bolsa «Öwezlik nusgasy berildi» diýen ýazgy edilýär, bu ýazgylardan soňra Deklarasiýanyň 5-nji öýjüginiň «№» ýazgyly sütüninden özi (özleri) babatda Deklarasiýanyň öwezlik nusgasy berlen ulag serişdesiniň (serişdeleriniň) tertip belgisi (belgileri) görkezilýär.

Deklarasiýa ýitirilen halatynda Utgaşdyrylan gümrük maglumat ulgamynyň üsti bilen deklarasiýanyň öwezlik nusgasy çap edilýär we onuň «C» öýjüginde «ÝITIRILEN - Öwezlik nusgasy» diýen ýazgy edilýär we Deklarasiýanyň 5-nji öýjüginiň «№» ýazgyly sütüninden özi (özleri) babatda Deklarasiýanyň öwezlik nusgasy berlen ulag serişdesiniň (serişdeleriniň) tertip belgisi (belgileri) görkezilýär.

## II bap. Deklarasiýanyň öýjüklerini daşaýjy (daşaýjynyň ygtyýarly işgäri) ýa-da gümrük dellaly tarapyndan doldurylmagynyň tertibi

10. Daşaýjy (gümrük dellaly) tarapyndan Deklarasiýanyň 1, 2, 3, 4, 5, 6, 7, 8, 9, 10, 11-nji öýjükleri şu tertipde doldurylýar:

1) 1-nji öýjük. «Deklarasiýa»

öýjükde «Giriş» ýazgyny ýa-da «Çykyş» ýazgyny belgilemek arkaly ulag serişdeleriniň Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilýän ugry görkezilýär;

2) 2-nji öýjük. «Habar beriji belgi»

Öýjükde berlen Deklarasiýanyň onuň elektron nusgasy bilen gümrük edarasy tarapyndan kybaplanylmagy üçin zerur bolan maglumatlar görkezilýär;

Görkezilen maglumatlary özünde saklaýan çyzykly şertli belginiň ýa-da ýörite

etiketkanyň Deklarasiýada goýulmagyna ýol berilýär;

3) 3-nji öýjük. «Daşamagy amala aşyrýan şahs»

Öýjükde daşaýjynyň standart resminamalaryna laýyklykda, daşaýjy we ulag serişdesini dolandyrmaga ygtyýary bolan onuň wekili barada maglumatlar görkezilýär:

a) 1 belgide daşaýjy ýuridik şahsyň doly ady we ýerleşýän ýeri, fiziki şahsyň - familiýasy, ady, atasynyň ady we salgysy;

b) 2 belgide ulag serişdesini dolandyrmaga ygtyýary bolan daşaýjynyň wekiliniň (demir ýol ulagy babatynda bolsa - demir ýol menziliniň jogapkär işgäriniň) familiýasy, ady, atasynyň ady, salgysy we şahsyýetini tassyklaýan resminama barada maglumatlar (eger ulag serişdesi ekipaž tarapyndan dolandyrylýan bolsa - ekipažyň gümrük edarasyna resminamalary bermäge ygtyýarly wekili barada maglumatlar);

Eger daşaýjy Türkmenistanyň şahsy bolup durýan bolsa we Utgaşdyrylan gümrük maglumat ulgamynda bu şahs barada maglumatlar bolanda, onda öýjükde, görkezilen maglumat ulgamyndaky maglumatlara laýyklykda, öýjügiň ýokarky böleginde «№» belgisinden soň Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda daşaýja berlen hususy salgyt belgisi (mundan beýläk - HSB) goşmaça görkezilýär;

4) 4-nji öýjük. «Serhetde aktiw ulag serişdesi»

Öýjükde Türkmenistanyň gümrük çägine girýän ýa-da bu çäkden çykýan aktiw (özi ýöreýän) ulag serişdesi barada maglumatlary görkezmek zerurdyr;

Türkmenistanyň gümrük serhedinden ulag serişdeleriniň düzümi geçirilse, onda öýjükde beýleki ulag serişdesini (ulag serişdelerini) herekete getirýän aktiw ulag serişdesi barada maglumatlar görkezilmeli;

Öýjügiň birinji kiçi böleginde ulaglaryň we harytlary ulagly daşamagyň görnüşleriniň klassifikatoryna laýyklykda ulag serişdesiniň görnüşiniň kody görkezilýär;

Öýjügiň ikinji kiçi böleginde aşakdakylar görkezilýär:

a) awtomobil ulagy babatynda - ulag serişdesiniň bellige alyş belgisi;

b) demir ýol ulagy babatynda - lokomotiwiň belgisi;

ç) deňiz (derýa) ulagy babatynda - deňiz (derýa) gämisiniň ady;

d) howa ulagy babatynda - howa gämisiniň bort belgisi;

Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilýän ulag serişdesi (serişdeleri) deklarirlenilende we şonda olary hakykatdan bu çäkden çykarjak awtomobil ulagyndan başga aktiw ulag serişdesi barada maglumatlar bolmadyk halatynda, öýjügiň ikinji kiçi bölegi doldurylmaýar;

Öýjügiň sag kiçi böleginde dünýä ýurtlarynyň klassifikatoryna laýyklykda ulag serişdesiniň bellige alnan ýurdunyň kody görkezilýär;

Eger deklarirlenýän pursatynda ulag serişdesiniň bellige alnan ýurdy näbelli bolsa, öýjügiň sag kiçi böleginde iki nol («00») goýulýar;

5) 5-nji öýjük. «Ulag serişdesi, haryt we barýan ugry barada maglumatlar, getirmegiň (alyp gitmegiň) maksady, möhlet we ilkibaşdaky deklarasiýa»

Öýjükde Türkmenistanyň gümrük çägine girýän ýa-da bu çäkden çykýan ulag serişdesi (ulag serişdeleri) barada maglumatlary, şeýle hem ulag serişdesinde (ulag serişdelerinde) harytlaryň bolmagy, onuň (olaryň) barýan ugry, getirmegiň (alyp gitmegiň) maksady, wagtlaýyn girmegiň möhleti we ilkibaşdaky deklarasiýa baradaky maglumatlary görkezmek zerurdyr;

«№» ýazgyly sütünde deklarirlenýän ulag serişdesiniň tertip belgisi görkezilýär;

«Ulag serişdesini kybaplamak we onuň bellige alnan ýurdy, haryt we barýan ugry barada maglumatlar» ýazgyly sütünde aşakdaky maglumatlar (maglumatlaryň arasynda «/» bölüji belgisini goýmak bilen) görkezilýär:

a) ulag serişdeleriniň görnüşleriniň giňişleýin klassifikatoryna laýyklykda ulag serişdesiniň görnüşiniň kody;

b) maglumatlar bar bolanda ulag serişdesiniň kysymy we modeli (demir ýoluň özi ýöremeýän hereket edýän düzümi üçin bu maglumatlar görkezilmeýär) - awtomobil ulagynyň, tirkegiň we ýarym tirkegiň kysymynyň ady awtomobil ýol ulag serişdeleriniň kysymlarynyň klassifikatoryna laýyklykda görkezilýär;

ç) awtomobil ulagy babatynda - ulag serişdesiniň bellige alyş belgisi, demir ýol ulagy babatynda - demir ýoluň hereket edýän düzüminiň (lokomotiwiň, wagonyň, platformanyň, çelegiň we beýlekileriň) belgisi (belgileri), deňiz (derýa) ulagy babatynda - deňiz (derýa) gämisiniň ady, howa ulagy babatynda - howa gämisiniň bort belgisi, konteýner babatynda - konteýneriň bellige alyş belgisi ýa-da başga bir kybaplaýyş belgisi;

d) awtomobil ulagy babatynda - ulag serişdesiniň (nowasynyň, şassisiniň, tirkeginiň) kybaplaýyş belgisi (VIN), konteýner babatynda - konteýneriň ölçegleri we görnüşi barada maglumatlary özünde saklaýan, Standartlaşdyrmak boýunça halkara guramasynyň halkara ulňesine (ISO) laýyklykda kybaplanylýan, konteýneriň nyşanlaýyş belgisi - ISO kody (bar bolanda);

e) dünýä ýurtlarynyň klassifikatoryna laýyklykda ulag serişdesiniň bellige alnan ýurdunyň kody (eger deklarirlenýän pursatynda ulag serişdesiniň bellige alnan ýurdy näbelli bolsa, iki nol («00») goýulýar);

ä) Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilýän ulag serişdesi Türkmenistanyň şahsynyň eýeçiliginde bolan ýa-da ilkibaşda wagtlaýyn getirmek gümrük düzgünine haryt hökmünde ýerleşdirilen halatynda «1», galan ýagdaýlarda «0» goýulýar we ol sanyň yzyndan ulag serişdesinde haryt bar bolanda «1», galan ýagdaýlarda «0» belgisi görkezilýär;

f) dünýä ýurtlarynyň klassifikatoryna laýyklykda barmaly ýurdunyň kody, soňra «-» bölüji belgisinden soň barmaly ýeriniň (portuň, demir ýol menziliniň we ş.m.) ady görkezilýär, howa ulagy babatynda gatnaw belgisi goşmaça görkezilýär;

«Maksady» ýazgyly sütünde ulag serişdesini getirmegiň ýa-da alyp gitmegiň maksady, şu görnüşde goýulýar:

a) ulag serişdesi wagtlaýyn getirilende «5300»;

b) ulag serişdesi wagtlaýyn alnyp gidilende «2300»;

ç) öň wagtlaýyn getirilen ulag serişdesi alnyp gidilende «3153»;

d) öň wagtlaýyn alnyp gidilen ulag serişdesi getirilende «6023»;

«Möhleti» ýazgyly sütünde, eger deklarirlenýän ulag serişdesi wagtlaýyn getirmek gümrük düzgünine ýerleşdirilýän bolsa, ulag serişdesiniň wagtlaýyn getirmegiň möhleti görkezilýär, galan ýagdaýlarda bu sütün doldurylmaýar;

«Ilkibaşdaky deklarasiýa» ýazgyly sütünde deklarirlenýän ulag serişdesi babatynda wagtlaýyn getirmek (alyp gitmek) gümrük düzgüni tamamlanan halatynda, bu ulag serişdesiniň wagtlaýyn getirmek (alyp gitmek) gümrük düzgünine ýerleşdirilen mahalynda resmileşdirilen Deklarasiýanyň bellige alyş belgisi we «-» bölüji belgisini

goýmak bilen, şol Deklarasiýanyň 5-nji öýjüginiň «№» ýazgyly sütüninde görkezilen tertip belgisi görkezilýär, galan ýagdaýlarda bu sütün doldurylmaýar;

6) 6-njy öýjük. «Ekipaž»

Öýjükde ekipažyň (gäminiň komandasynyň, otly brigadasynyň we şoňa meňzeş) agzalarynyň bardygy we olaryň umumy sany barada maglumatlar görkezilýär;

7) 7-nji öýjük. «Ýolagçylar»

Öýjükde ulag serişdesinde gatnadylýan ýolagçylaryň bardygy we ýolagçylaryň sany baradaky maglumatlar görkezilýär;

8) 8-nji öýjük. «Ätiýaçlyklar»

Öýjükde ulag serişdesinde (awtomobil ulagyndan başga) ätiýaçlyklaryň bardygy görkezilýär;

9) 9-njy öýjük. «Ätiýaçlyk şaýlary we enjamlar»

Öýjükde ulag serişdesini abatlamak we ulanmak üçin niýetlenen ätiýaçlyk şaýlarynyň we enjamlaryň bardygy baradaky maglumatlar görkezilýär;

Eger öýjükde «Hawa» ýazgy bellenen bolsa, onda ätiýaçlyk şaýlarynyň we enjamlaryň atlary, olaryň gysgaça beýany, mukdary we ölçeg birlikleri görkezilmelidir;

10) 10-njy öýjük. «Goşmaça maglumatlar»

Öýjükde daşaýjynyň we beýleki dahylly şahslaryň habarlaşmak üçin maglumatlary görkezilýär, şeýle hem bu öýjükde ulag serişdesini getirmegiň (alyp gitmegiň) maksady hakynda goşmaça maglumatlar we beýleki maglumatlar görkezilip bilner;

Eger ulag serişdesi onuň eýesinden ýa-da ony ilkibaşda wagtlaýyn getirmek gümrük düzgünine haryt hökmünde ýerleşdirip peýdalanýan şahsdan başga islendik şahs tarapyndan Türkmenistanyň gümrük çäginden wagtlaýyn alnyp gidilýän bolsa, onda şol ulag serişdesine Türkmenistanyň gümrük çäginde eýelik etmäge we (ýa-da) ondan peýdalanmaga hukugy bolan şahs we onuň ygtyýarly wekili barada (Deklarasiýanyň 3-nji öýjügini doldurmagynyň kadalaryna laýyklykda) maglumatlar, şeýle hem Deklarasiýanyň 5-nji öýjüginiň «№» ýazgyly sütüninden ulanmaga (daşamaga) berlen ulag serişdesiniň tertip belgisi görkezilýär;

11) 11-nji öýjük. «Maglumatlary mälim edýän şahs»

a) 1 belgide - daşaýjynyň ygtyýarly wekiliniň familiýasy, ady we atasynyň ady hem-de öýjügiň aşaky böleginde «Sene:» ýazgysyndan soň deklarasiýanyň gümrük edarasyna berilýän senesi görkezilýär, Deklarasiýada mälim edilen maglumatlar şu belgide görkezilen şahsyň goly (demir ýol ulagy babatynda öýjükde demir ýol menziliniň senenama ýazgyly möhürçesi goýulýar we ol menziliň jogapkär işgäriniň goly) bilen tassyklanylýar;

b) 2 belgide - Deklarasiýa gümrük dellalynyň işgäri tarapyndan doldurylýan bolsa, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda gümrük dellalyna berlen HSB, gümrük dellalynyň ady, gümrük dellalynyň işgäriniň familiýasy, ady we atasynyň ady, öýjügiň aşaky böleginde «№» belgisinden soň getirilýän (alnyp gidilýän) ulag serişdeleri babatynda gümrük operasiýalaryny amala aşyrmak boýunça hyzmatlary etmegiň şertnamasynyň belgisi we baglaşylan senesi görkezilýär, soňra şu belgide görkezilen gümrük dellalynyň işgäri Deklarasiýada beýan edilen maglumatlary öz goly we gümrük dellalynyň möhürini goýmak bilen tassyklaýar;

Öýjükdäki maglumatlar arasynda otur goýmak bilen görkezilýär.

## III bap. Deklarasiýanyň öýjüklerini gümrük edaralarynyň wezipeli adamlary tarapyndan doldurylmagynyň tertibi

11. Deklarasiýanyň «A», «B», «C» öýjükleri gümrük edarasynyň wezipeli adamy tarapyndan aşakdaky tertipde doldurylýar:

1) «A» öýjük. «Bellige alyş belgisi»

Öýjükde Deklarasiýanyň bellige alyş belgisi aşakdaky görnüşde görkezilýär:

XXXXX / XXXXXX / XXXXXXX, şunda:
1 2 3

1 - gümrük edaralarynyň sanawyna laýyklykda, Deklarasiýany bellige alan gümrük edarasynyň kody;

2 - Deklarasiýanyň bellige alnan senesi (güni, aýy, ýylyň soňky iki sany);

3 - bellige alyş kitaby boýunça Deklarasiýanyň tertip belgisi;

Görkezilen maglumatlar gümrük edarasynyň wezipeli adamynyň belgili şahsy möhüri bilen tassyklanylýar;

Deklarasiýanyň bellige alyş belgisi barada maglumatlary saklaýan çyzykly şertli belginiň ýa-da ýörite etiketkanyň Deklarasiýada goşmaça goýulmagyna ýol berilýär;

2) «B» öýjük. «Resmileşdiren gümrük edarasy»

Öýjük ulag serişdesini (ulag serişdelerini) resmileşdiren gümrük edarasynyň wezipeli adamy tarapyndan doldurylýar;

Öýjükde Deklarasiýada mälim edilen ulag serişdesi (ulag serişdeleri) babatda gümrük edarasynyň kabul eden çözgüdi (ulag serişdesini (ulag serişdelerini) goýbermek (şertli goýbermek), goýbermekden ýüz öwürmek, Deklarasiýanyň yzyna gaýtarylyp alynmagy) barada bellikler edilýär, şeýle hem gümrük gözegçiliginiň görnüşleri we netijeleri barada beýleki maglumatlar görkezilýär;

Öýjükde Deklarasiýanyň 4-nji öýjügini doldurmagynyň kadalaryna laýyklykda, ol öýjügiň ikinji kiçi böleginde görkezilmäge degişli - ulag serişdesini (serişdelerini) Türkmenistanyň gümrük çäginden hakykatda alyp giden aktiw ulag serişdesi barada maglumat görkezilýär, eger şu Tertibe laýyklykda bu maglumat görkezilmedik bolsa;

Görkezilen maglumatlar gümrük edarasynyň wezipeli adamynyň goly we belgili şahsy möhüri bilen tassyklanylýar;

3) «C» öýjük. «Gümrük edarasynyň aýratyn bellikleri»

Öýjük ulag serişdesi (ulag serişdeleri) babatda Türkmenistanyň Gümrük kodeksine laýyklykda wagtlaýyn getirmek (alyp gitmek) gümrük düzgünini tamamlamak, wagtlaýyn getirmegiň möhletini uzaltmak, Deklarasiýanyň öwezlik nusgalaryny bermek boýunça gümrük operasiýalarynyň we beýleki operasiýalaryň amala aşyrylan gümrük edarasynyň wezipeli adamy tarapyndan doldurylýar;

Öýjükde gümrük edaralarynyň sanawyna laýyklykda, gümrük edarasynyň kody, gümrük operasiýasynyň geçirilen senesi, gümrük gözegçiliginiň görnüşleri we netijeleri barada maglumatlar görkezilýär;

Öýjüge goşmaça aşakdaky maglumatlar Deklarasiýanyň 5-nji öýjüginiň «№»

ýazgyly sütüninden ulag serişdesiniň tertip belgisi görkezilip girizilýär:

a) ilkibaşdaky Deklarasiýada, wagtlaýyn getirmegiň (alyp gitmegiň) gümrük düzgünine ýerleşdirilen ulag serişdesiniň yzyna alnyp gidilende (yzyna getirilende) resmileşdirilen Deklarasiýanyň bellige alyş belgisi;

b) wagtlaýyn getirmegiň (alyp gitmegiň) gümrük düzgünine ýerleşdirilen ulag serişdesi degişlilikde Türkmenistanyň Gümrük kodeksiniň 213-nji maddasynyň dördünji bölegine ýa-da 219-njy maddasynyň birinji bölegine laýyklykda beýleki gümrük düzgünine ýerleşdirilendigi barada maglumatlar we şonda resmileşdirilen gümrük deklarasiýasynyň bellige alyş belgisi;

ç) wagtlaýyn getirmegiň möhletiniň uzaldylandygy barada;

d) şu Tertibiň dokuzynjy bölegine laýyklykda Deklarasiýanyň öwezlik nusgasynyň berlendigi barada;

e) wagtlaýyn getirilen ulag serişdesi beýleki şahsa berlen ýagdaýynda, ol şahs we onuň ygtyýarly işgäri barada (Deklarasiýanyň 3-nji öýjügini doldurmagynyň kadalaryna laýyklykda);

ä) ulag serişdesi wagtlaýyn alnyp gidilende, Deklarasiýanyň 10-njy öýjügindäki maglumatlar şu Tertibiň onunjy böleginiň 10-njy bendiniň ikinji tesimine laýyklykda görkezilen bolsa, onda şol ulag serişdesine Türkmenistanyň gümrük çäginde eýelik etmäge we (ýa-da) ondan peýdalanmaga hukugy bolan şahs we onuň ygtyýarly wekili barada (Deklarasiýanyň 3-nji öýjügini doldurmagynyň kadalaryna laýyklykda);

Öýjükde Türkmenistanyň gümrük kanunçylygyna laýyklykda beýleki maglumatlar görkezilip bilner;

Görkezilen maglumatlar gümrük edarasynyň wezipeli adamynyň goly we belgili şahsy möhüri bilen tassyklanylýar.

12. Şu Tertibiň on birinji böleginde görkezilýän maglumatlar Utgaşdyrylan gümrük maglumat ulgamyna girizilmäge degişlidir.